| ARASSA DENIZ HUSUSY KÄRHANASY | HILI DOLANDYRYŞ ULGAMY<br>WE IÝMIT HOWPSUZLYGY SYÝASATY<br>(HDU we IH) | П.14.Ф№1Б |
|---|---|---|

# HILI DOLANDYRYŞ ULGAMY WE IÝMIT HOWPSUZLYGY SYÝASATY (HDU we IH)

«Arassa Deniz» Hususy Kärhanasy (mundan beýläk — HK) öňdebaryjy türkmen we halkara kompaniýalary üçin toplumlaýyn hünär hyzmatlaryny bermekde ýöriteleşýär. Işjeňligiň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

- Jemgyýetçilik iýmit hyzmatlary;
- Arassalaýyş hyzmatlary;
- Kir ýuwujyhananyň hyzmatlary

HK-nyň bu işleri amala aşyrmak üçin zerur bolan ygtyýarnamalaryň, rugsatnamalaryň we şahadatnamalaryň doly toplumyna eýedir. Berilýän hyzmatlaryň ählisi kanunçylyk kadalaryna, şeýle hem hyzmatdaşlarymyzyň we gyzyklanma bildirýän taraplaryň ýokary talaplaryna we tamalaryna doly laýyk gelýär.

**Strategiki maksatlar:**

- **Iýmitiň hili we howpsuzlygy babatda liderlik.**

Biz jemgyýetçilik iýmit hyzmatlarynyň kämil derejede berilmegini üpjün edýäris. Biziň maksadymyz — diňe bir halkara howpsuzlyk standartlaryna laýyk gelmän, eýsem sarp edijilerimiziň we hyzmatdaşlarymyzyň garaşaryndan hem ýokary bolan taýýar naharlary öndürmekden we ýerlemekden ybaratdyr.

- **Arassalaýyş we hyzmat ulgamynda innowasiýalar hem-de amatlylyklar.**

Biz arassalaýyş we kir ýuwujyhana hyzmatlaryny dünýäniň iň ýokary standartlaryna laýyklykda amala aşyrýarys. Diňe netijeli hünär serişdelerini, döwrebap enjamlary we iň täze tehnologiýalary ulanmak bilen, müşderilerimiziň gündelik durmuşyna arassalygy, ýylylygy we amatlylygy getirýäris.

- **Durnukly ösüş we mümkinçilikleriň kämilleşdirilmegi.**

Biziň esasy baýlygymyz bolan işgärlerimize maýa goýmak arkaly kärhananyň ykdysady ýagdaýyny berkidýäris. Işgärleriň höwesini artdyrmak, işiň hemmetaraplaýyn howpsuzlygyny üpjün etmek we hyzmatlaryň hilini yzygiderli gowulandyrýarys — bular biziň uzak möhletleýin üstünligimiziň we durnuklylygymyzyň girewidir.

**HDU we IH syýasatynyň durmuşa geçirilmegi aşakdakylar arkaly gazanylýar:**

- **Hukuk binýady we halkara standartlary:**

✓ HK-nyň işini kadalaşdyrýan Türkmenistanyň kanunçylygynyň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň şertleriniň gyşarnaksyz berjaý edilmegi.

✓ ISO 9001:2015 we ISO 22000:2018 standartlarynyň talaplaryna laýyklykda, integrirlenen dolandyryş ulgamyny goldamak we ösdürmek.

- **Amallary netijeli dolandyrmak:**

✓ Hil we iýmit howpsuzlygynyň ähli ugurlaryny dolandyrmakda, ulgamlaýyn çemeleşmäni ulanmak.

✓ Sarp edijileriň talaplarynyň we tamalarynyň doly ýerine ýetirilmegini kepillendirýän özara baglanyşykly amallar zynjyryny gurmak.

✓ Diňe takyk we ygtybarly maglumatlaryň seljermesine esaslanýan dolandyryş çözgütlerini kabul etmek.

- **Adam maýasy we korporatiw medeniýet:**

✓ Dolandyryş ulgamlaryny yzygiderli kämilleşdirmek işine her bir işgäri çekmek.

✓ Işgärleriň ýokary hünär derejesine we netijesi üçin şahsy jogapkärçiligine esaslanmak.

✓ Döredijilik ukyplaryny ösdürmek: innowasiýalara we iş amallaryny gowulandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary goldamak we höweslendirmek.

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň Baş direktory | M.W. Şwydko | ____________ | «10» noýabr 2025 ýyl |
|---|---|---|---|
| (wezipesi) | (F.A.A.a.) | | (sene) |

AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ» TÜRKMENISTAN.